TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI

MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN

BUÝRUK

ORDER

«19» august 2019 ý.

№ 106-Ö

**Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň Dessuryny tassyklamak barada**

«Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň Dessuryny tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň işini amala aşyrmakda döwlet edarasyna wekilçilik edýän tarapyň utgaşdyryjysy gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**"YLALAŞYLDY"**
**Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň başlygy**
**__________ A.S. Dadaýew**
**«19» august 2019ý.**

**"YLALAŞYLDY"**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy**
**__________ G.Ataýewa**
**«19» august 2019ý.**

**Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça toparyň utgaşdyryjysynyň 2019-nji ýylyň «19» awgust 106-Ö belgili buýrugy bilen tassyklandy**

# Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň DESSURY

## I bap. Umumy düzgünler

1. Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar (mundan beýläk – Topar) Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň Zähmet kodeksini, «Durmuş zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we şu Dessury goldanýar.

Dessur Toparyň taraplarynyň durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär we olaryň durmuş-ykdysady bähbitlerini sazlaşdyrýar.

2. Toparyň işine şu aşakdakylar degişlidir:

1) Toparyň umumy mejlisini geçirmek;

2) Toparyň iş toparlarynyň mejlislerini guramak we geçirmek;

3) Durmuş-zähmet gatnaşyklary we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklar boýunça Toparyň taraplarynyň durmuş hyzmatdaşlygy meselesinde ylalaşygyň gazanylmagyna gönükdirilen özara maslahatlary we köpçülikleýin geňeşmeleri geçirmek;

4) Türkmenistanyň durmuş-zähmet gatnaşyklary çygryndaky kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hem-de zähmet gatnaşyklary, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we durmuş goraglylygy çygryndaky döwlet maksatnamalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylmagy we kabul edilen maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly meseleler boýunça maslahatlary geçirmek;

5) Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň Taraplarynyň arasynda baglaşylýan Baş Ylalaşygyň wezipeleriniň ýerine ýetirilişine seretmek.

6) Şu Dessurda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki işleri alyp barýar.

3. Toparyň işiniň esasy görnüşleri şulardan ybarat:

1) Toparyň mejlisinden;

2) Toparyň iş toparlarynyň mejlisinden;

3) utgaşdyryjylaryň Geňeşiniň mejlisinden;

4) taraplary esasy durmuş-ykdysady ugurlary boýunça ylalaşdyrmak.

## II bap. Toparyň düzümi we gurluşy

4. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň (mundan beýläk – döwlet edarasy), Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkezi we işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň (mundan beýläk – işgärleriň wekili), şeýle hem iş berijileriň birleşikleriniň we telekeçileriň ygtyýarly wekilleri (mundan beýläk – iş berijileriň wekili) Toparyň taraplaryny (mundan beýläk – taraplar) emele getirýärler.

5. Toparyň işiniň utgaşdyryjysy hökmünde döwlet edarasy çykyş edýär. Toparyň utgaşdyryjysy toparyň işine we onuň mejlislerine ýolbaşçylygy amala aşyrýar.

6. Toparyň işiniň möhleti taraplaryň ylalaşmagy bilen Toparyň utgaşdyryjysy tarapyndan kesgitlenilýär. Toparyň agzalarynyň möhleti, olaryň çalyşmak tertibi Toparyň utgaşdyryjysy bilen ylalaşylyp, taraplar tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

7. Şular Toparyň Utgaşdyryjysynyň ygtyýarlyklary:

1) Toparyň işini guramak;

2) Iş toparlarynyň düzümini tassyklamak;

3) Toparyň taraplarynyň bähbitlerini utgaşdyrmaga ýardam bermek;

4) Taraplar bilen ylalaşyp, toparyň Dessuryny, iş meýilnamasyny we Topar tarapyndan kabul edilýän çözgütleri tassyklamak;

5) şu Dessura laýyklykda mejlisiň geçirilmegini üpjün edýär;

6) çykyş etmek üçin teklipleriň gelişine görä söz berýär;

7) Toparyň çözgüdini kabul etmek boýunça ses bermegi guraýar, ses bermegiň netijeleri barada habar berýär.

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki işleri alyp barmak.

8. Toparyň Utgaşdyryjysyndan başga-da, her bir tarapyň işini şol tarapdan bolan utgaşdyryjy guraýar. Işgärleriň wekiline we iş berijileriň wekiline wekilçilik edýän taraplaryň utgaşdyryjylary (mundan beýläk – taraplaryň utgaşdyryjylary) taraplar tarapyndan saýlanylýarlar. Her tarapyň utgaşdyryjysynyň toparyň utgaşdyryjysyna Toparyň nobatdan daşary mejlisini geçirmek barada, ony geçirmegiň zerurlygyny esaslandyrýan maglumatlary bilen teklip girizmäge hukugy bardyr.

9. Taraplaryň utgaşdyryjylary:

1) Toparyň iş meýilnamasynyň taslamasy, mejlisleriniň gün tertibi, iş toparlarynda taraplaryň wekilleriniň düzümi boýunça teklipleri berýär;

2) Taraplaryň wekilleriniň düzüminiň üýtgändigi barada Topary habarly edýär;

3) Toparyň garamagyna girizilen meseleler boýunça taraplaryň garaýyşlaryny anyklamak maksady bilen taraplaryň wekilleriniň maslahatyny guraýar.

4) Taraplar bilen ylalaşyp, iş toparyň gün tertibini kesgitleýär;

5) iş toparyň agzalaryny geçiriljek mejlis we onuň gün tertibi barada öz wagtynda habarly edýär;

6) iş toparyň kabul eden çözgütlerini we gaýry meseleler boýunça toparyň kabul eden resmi kagyzlaryny onuň agzalaryna öz wagtynda gowşurýar.

7) Şu Dessurda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki işleri alyp barýar.

## III bap. Toparyň agzalarynyň hukuklary we borçlary

10. Toparyň agzasynyň hukuklary:

1) Toparyň we onuň iş toparlarynyň mejlisleriniň garamagyna teklipleri girizmek;

2) Işlenip taýýarlanylýan kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalarynyň taýýarlanylmagyna gatnaşmak.

11. Toparyň agzasynyň borçlary:

1) Toparyň mejlislerine hut özi gatnaşmak (esasly sebäp boýunça gatnaşmazlygy muňa degişli däldir);

2) Toparyň çözgütlerini durmuşa geçirmäge ýardam bermek;

3) Toparyň işi we üçtaraplaýyn ylalaşykda göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilişi barada wekilçilik edýän tarapyny habarly etmek.

12. Toparyň agzalarynyň agzalyk möhleti Toparyň utgaşdyryjysynyň razylygy bilen, degişli taraplar tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

## IV bap. Toparyň iş toparlary

13. Aýry-aýry meseleleri çözmek, geňeşmeleri geçirmek üçin taraplaryň teklibi boýunça Toparyň iş toparlary döredilip bilner.

14. Toparyň iş toparlarynyň düzümi üç tarapyň wekillerinden düzülýär. Toparyň utgaşdyryjysy iş toparynyň başlygyny tassyklaýar.

15. Toparyň iş toparlarynyň wezipeleri:

1) döwletiň durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň işlenip düzülmegi we durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly meseleler boýunça maslahatlary geçirmek;

2) Türkmenistanyň durmuş-zähmet gatnaşyklary çygryndaky kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň işlenip düzülmegine gatnaşmak we degişli teklipleri bermek;

3) Baş ylalaşygyň taslamasy işlenip düzülmegine gatnaşmak;

4) durmuş-ykdysady gatnaşyklar babatynda ýüze çykýan meseleleriň çözgüdine degişli teklipleri işläp düzmek.

16. Iş toparyň mejlisine Toparyň agzasy bolup durmaýan wekillerini, şeýle hem ylmy işgärleriň we beýleki hünärmenleri öz işine gatnaşmak üçin çagyrylyp bilner. Zerur bolan halatynda ylmy işgärleri we beýleki hünärmenleri çekmek bilen iş toparlary döredilip bilner.

17. Iş toparynyň mejlisleri Toparyň meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär. Iş toparynyň mejlisi teswirnama bilen resmileşdirilýär we agzalar tarapyndan tassyklanylýar.

18. Iş toparlaryň düzümi toparyň agzalaryndan, bilermenlerden taraplaryň teklibi esasynda döredilýär we toparyň utgaşdyryjysy tarapyndan tassyklanylýar. Toparyň agzalary bolup durmaýan bilermenler, hünärmenler, alymlar, döwlet häkimiýet edaralaryň wekilleri iş toparlaryna maslahat beriji ses hukugy bilen girizilýär.

## V bap. Toparyň iş meýilnamasy

19. Her ýylyň dördünji çärýeginde Toparyň mejlisinde geljek ýyl üçin Toparyň iş meýilnamasy (mundan beýläk - Meýilnama) kabul edilýär. Meýilnama ozalky kabul edilen çözgütler göz öňünde tutulyp, Toparyň utgaşdyryjysynyň we taraplaryň teklipleriniň esasynda düzülýär.

20. Toparyň iş meýilnamasy toparyň taraplarynyň teklipleri esasynda bir ýyllyk düzülýär we Toparyň utgaşdyryjysy tarapyndan öňki ýylyň dekabryndan gijä galman tassyklanylýar.

21. Toparyň Utgaşdyryjysynyň, Taraplaryň utgaşdyryjylarynyň teklipleri boýunça ähli taraplaryň garşylygy bolmasa meýilnama goşulmadyk meseleler Toparyň mejlislerinde garalyp bilner.

22. Meýilnama Toparyň çözgütlerini kabul etmek boýunça göz öňünde tutulan tertibe laýyklykda kabul edilýär.

23. Toparyň Utgaşdyryjysy toparyň mejlisini iň azyndan ýylda iki gezek geçirýär. Zerur bolan halatynda toparyň nobatdan daşary mejlisi taraplaryň teklibi boýunça geçirilýär. Toparyň mejlisinde gün tertibine girizilen meseleler boýunça maslahatlaşmak üçin ähli taraplardan çykyşlar diňlenilýär.

24. Her tarapyň utgaşdyryjysynyň toparyň utgaşdyryjysyna toparyň nobatdan daşary mejlisini geçirmek barada teklip girizip biler. Bu mesele boýunça çözgüt toparyň utgaşdyryjysy tarapyndan kabul edilýär we mejlis tekliplerin gelip gowşan gününden iki hepdäniň dowamynda çagyrylýar.

## VI bap. Toparyň çözgüt kabul edişi

25. Goýlan meseleler ara alnyp maslahatlaşylandan soň Toparyň çözgüdiniň taslamasy taýýarlanýar we sese goýulýar. Çözgütler açyk ses bermek bilen kabul edilýär. Diňe toparyň agzalarynyň ses bermäge hukugy bardyr. Eger-de, toparyň agzasy kabul edilen çözgüt bilen ylalaşmadyk halatynda, bu barada Toparyň mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilýär. Toparyň çözgüdi taraplaryň üçüsi hem ses beren ýagdaýynda kabul edilýär.

26. Kabul edilen çözgüde Toparyň agzalary bilen ylalaşylyp üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner.

## VII bap. Toparyň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine we üçtaraplaýyn ylalaşygyň berjaý edilişine gözegçilik

27. Toparyň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçiligi taraplar özbaşdak amala aşyrýarlar.

28. Çözgüdiň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek taraplaryň utgaşdyryjylarynyň üstüne ýüklenilýär.

29. Üçtaraplaýyn ylalaşygyň berjaý edilmegine gözegçilik, maglumatlary ýygnamak, umumylaşdyrmak, özara alyşmak we degişli hasabatlary kabul etmek arkaly Toparyň Utgaşdyryjysy tarapyndan amala aşyrylýar.

30. Toparyň Dessuryna üýtgetmeler we goşmaçalar Toparyň çözgüdi bilen girizilýär.